# Aşgabat – Awaza ugry boýunça awtobus gatnawynyň petekleri «Türkmenaragatnaşyk» agentliginiň «e.gov.tm» portalynda

Ozal habar berşimiz ýaly, «Awtomobil ulag hyzmaty» açyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti 1-njy iýundan başlap, Aşgabat – Awaza – Aşgabat ugry boýunça awtobus gatnawyny ýola **goýýar.** ***Şu ugurlar boýunça şäherara awtobus gatnawlarynyň petekleri «Türkmenaragatnaşyk» agentliginiň Döwlet hyzmalary portalynda (e.gov.tm) onlaýn satuwa çykaryldy.*** Munuň özi Türkmenistanda ulag we aragatnaşyk ulgamlaryndaky hyzmatlaryň günsaýyn kämilleşdirilýändigini görkezýär.

Ýeri gelende bellesek, bir taraplaýyn petegiň bahasy ulular üçin 75 manada, 5 — 13 ýaş aralygyndaky çagalar üçin bolsa 37 manat 50 teňňä deňdir. Petekleriň satuwy diňe onlaýn te däl, eýsem, kassalaryň üsti bilen hem amala aşyrylýar.

Aşgabat — Awaza — Aşgabat ugry boýunça şäherara awtobus gatnawlarynyň petekleriniň «Awtomobil ulag hyzmaty» AGPJ-niň resmi saýtynda hem-de «Şäherara bilet» mobil goşundysynda hem onlaýn tertibinde satylýandygyny ýatladýarys.

Bu ugur boýunça awtobus hepdäniň ähli güni sagat 06:00-da Aşgabat şäheriniň Atamyrat Nyýazow şaýolunda ýerleşýän halkara awtomenzilden ýola düşýär, 13:00-da bolsa «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň Ýelkenli köçesiniň ugrunda ýerleşýän awtoduralgadan yzyna ugraýar.

Gatnaw tertibi we petekleri satyn almak üçin ýüze çykan sowallar boýunça şu telefon belgiler arkaly habarlaşyp bilersiňiz:

**(+993 12) 44-35-30 we 44-35-20.**

Все права защищены

save pdf date >>> 22.11.2024